**Aýal-gyzlara garşy Diskriminasiýany Ýok Etmek baradaky Komitet**

30 Maý – 2 Iýun, 2023

**87-nji sessiýadan Öňki sessiýa Iş Topary**

# Türkmenistan

## Progres Fondy we Saglyk[1]

tarapyndan taýýarlanylan

Meseleleriň sanawyny Kabul etmek boýunça

Goşmaça Hasabat

Aprel 7, 2023

Hasabat köpçülige maglumat bermek maksatly AGGDÝK üçin BMG-nyň AHÝK web saýtynda çap edilip bilner.

[1] Progres Fondy **(“Progres” türkmen dilindäki ýaly bir “s” bilen ýazylýar)** Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ýerleşýän jemgyýetçilik gurmasy bolup, Türkmenistanyň raýatlarynyň wajyp durmuş hakykatlaryna düşünmäge goşant goşýan dürli progressiw başlangyçlary hem-de durnukly adam ösüşi barada täze garaýyşlary we oňa ýetmek üçin wajyp çemeleşmeleriň döredilmegini goldaýar. Progres Fondy iki sany maglumat portalyny esaslandyrdy: Progres.online we Saglyk.org. Progres.online jemgyýetçilik tendensiýalarynyň aýratynlyklaryna düşünmegi öňe sürýän onlaýn analitiki žurnaldyr. Saglyk.org soňky 12 ýylda Türkmenistanda ilatyň saglyk sowatlylygyny ösdürmek ugrunda işläp, pandemiýa döwründe türkmen dilinde COVID-19 barada maglumat berýän çeşmeleriň başyny çekdi. Saglygyň ileri tutýan ugurlaryndan biri Türkmenistanyň ilatyna jynsy, reproduktiw saglyk sowatlylygy we hukuklary babatda ýokary hilli maglumatlary elýeterli etmekdir.

## I. Giriş

Biz hasabaty Aýal-gyzlara garşy Diskriminasiýany Ýok etmek baradaky Komitetiň (AGGDÝK komiteti) sessiýasynyň we komitetiň Türkmenistanyň 6-njy döwürleýin döwlet hasabatyna (DDH) syn bermeginiň öňüsyrasynda we Aýal-gyzlara garşy Diskriminasiýanyň Ähli Görnüşlerini Ýok etmek Konwensiýasyna (AGGDÝK) laýyklykda ýazýarys. Türkmenistandaky halkara guramalaryň hiç biri hökümeti aşakda bellenilen meseleleri çözmäge çagyrmady.

## II. Hemmetaraplaýyn we manyly jemgyýetçilik maglumatlarynyň ýoklugy

Giňişleýin we doly maglumatlara elýeterlilik Türkmenistanda aýal-gyzlaryň ýagdaýyna has jikme-jik we takyk baha bermäge, olaryň aýratyn zerurlyklaryna we tejribelerine esaslanýan syýasatlary we maksatnamalary döretmäge mümkinçilik berýär. Emma, Türkmenistanyň hökümeti we Statistika baradaky döwlet komiteti gender bilen bagly statistikalary ýa-da görkezijileri çap etmeýär. BMG Zenanlar websaýtyna görä, "2020-nji ýylyň dekabryna çenli Türkmenistanda möhüm ugurlarda boşluklar bolup, Durnukly ösüş maksatlarynda gender nukdaýnazaryndan gözegçilik etmek üçin zerur görkezijileriň diňe 20.6% -i elýeterli." Esasy bellemeli zat bolsa, hatda agzalan 20.6%-i diňe halkara guramalaryň hasabatlaryndan ýygnap bolýar. Görkezijiler ministrlikleriň websaýtlarynda elýetersiz.

Durnukly ösüş maksatlarynyň 5-njisinde Türkmenistan barada çäkli maglumatlar bar. Türkmenistanyň Gender boşlugy we Gender deňsizligi indeksleri elýeterli däl. Döwürleýin döwlet hasabatynda paýlaşylan maglumatlar beýleki çeşmelerde, şol sanda degişli ministrlikleriň we mediýalaryň websaýtlarynda köpçülige elýetersiz.

Döwürleýin döwlet hasabatynda netijeler barada hili ýokary maglumatlaryň ýiti ýetmezçiligini görmek bolýar. Hökümet ýola goýlan çäreleriň netijelerini we täsirini ölçemeýär. Hökümet BMG-nyň edaralary bilen ençeme çäreleri we okuw sapaklaryny geçirýär, ýöne halk olar barada çäreler geçirilip gutarandan soň bilip galýar. Halkara donorlar bilen geçirilen çäreleriň materiallary (teswirnamalar, bejeriş protokollary) we maglumatlary çap edilmeýär.

Bu hasabatda agzalan döwlet edaralarynyň hiç birinde ilatyň soraglaryny we şikaýatlaryny kabul etmek, yzarlamak we olara jogap bermek üçin jemgyýetçilik aragatnaşyk meýilnamasy ýa-da mehanizmleri ýok. Saglyk Türkmenistanyň Saglygy goraýyş ministrligine, Türkmenistandaky BMG we UNFPA edaralaryna soraglar sorap ýa-da aýal - gyzlaryň jynsy we reproduktiw hyzmatlaryna elýeterliligi meselesi babatda duşuşyk geçirmegi haýyş edip birnäçe e-poçta iberdi. Bize hiç hili jogap bermediler.

Mundan başga-da, ministrlikler milli AGGDÝK hasabatyny taýýarlamak prosesinde maslahat berilýän köpçülikleýin sala salşyklary geçirmediler.

Şeýle hem, COVID-19 bilen baglanyşykly hökümet işlerine degişli ähli salgylanmalarda Türkmenistanyň hiç bir COVID-19 ýokuşma ýa-da ölüm hadysasy barada habar bermändigi göz öňünde tutulmalydyr. Saglygy goraýyş ministrligi köpçülige beren habarlarynda wirusyň adyny tutmakdan ýüz öwürdi we wirusy "tozan" diýip atlandyrmagyny dowam etdirýär.

COVID-19 barlaglary geçirmek we waksinasiýa barada maglumatlar köpçülige elýetersiz.

## III. Stereotipler, Zyýanly Tejribeler (18-19-njy paragraflar) we Bilim (32-33-nji paragraflar)

### A. Aýal-gyzlaryň şahsy durmuşlarynda berýän kararlaryna höküm etmek üçin dilden berilýän buýruklar arkaly döwlet syýasatyny işläp düzmek

2022-nji ýylyň aprelinde hökümetiň Türkmenistandaky aýal-gyzlaryň geýim-gejimini we gözellik salonlarynyň hyzmatlaryny çäklendirmek baradaky dilden beren buýrugy (ýazylmadyk) halkara neşirlerde güýçli seslenme döretdi. Çäklendirmeler polisiýa tarapyndan bölekleýin we esassyz mejbur edildi. Bu aýal-gyzlaryň sürüjilik şahadatnamasyny almagyna girizilen çäklendirmeler, şeýle hem hususy awtoulag we taksi bilen syýahat etmekde çäklendirmeler barada köpçüligiň beren habarlaryny hem öz içine alýar. Girizilen çäklendirmeler barada halkara mediýada giňden habar berilse-de, döwlet gullugynyň ýa-da ministrligiň hiç biri olara teswir bermedi. Bu ýurduň halkara abraýy babatda biperwaýlygyny görkezýär. Jemgyýet bilen hiç hili aragatnaşygyň ýoklugy soňky 31 ýylda Türkmenistanyň döwlet dolandyryşyny häsiýetlendirýär.

Biziň hökümete maslahatlarymyz:

- Aýallary diskriminirleýän patriarhal garaýyşlary we stereotipleri ýok etmek üçin köptaraplaýyn strategiýany kabul ediň. Şeýle çäreler raýat jemgyýeti bilen hyzmatdaşlykda geçirilip, jemgyýeti diskriminirleýji stereotipleriň aýallaryň öz hukuklaryndan peýdalanmagyna ýaramaz täsiri barada bilimlendirmekde we habardarlygy ýokarlandyrmakda ähli derejedäki tagallalary öz içine almalydyr.
- Gender stereotiplerine garşy göreşmek üçin görülýän strategiki çäreleriň täsirini yzygiderli ölçemek üçin maksatlaryň we görkezijileriň toplumyny ornaşdyryň.
- Teklipleri we kabul edilen kanunlary we syýasatlary resmi hökümet websaýtlarynda wagtynda çap ediň. Olaryň aç-açanlygyny, doly elýeterliligini we jemgyýetiň, esasan hem aýal-gyzlaryň hukuklary ugrunda işleýän raýat jemgyýeti toparlarynyň gatnaşmagyny üpjün ediň.
- Jemgyýet bilen aragatnaşyk hyzmatlaryny döwrebaplaşdyrmak we ýerli, halkara mediýa we raýat jemgyýetleriniň soraglaryna konstruktiw jogap bermek boýunça ýörite ministrlikleri borçlandyrmak üçin ýeterlik serişdeleri bölüp beriň.

### B. Hökmany berilmeli hemmetaraplaýyn jynsy terbiýäniň (HJT) ýoklugy

Türkmenistanda hemmetaraplaýyn jynsy terbiýe berýän programma ýok. Aýallaryň diňe 50%-ine göwreliligiň öňüni alyş serişdeleri elýeterli. BMG-nyň geçiren barlagy aýallaryň 60%-iniň saglygy goraýyş, göwreliligiň öňüni alyş we jynsy gatnaşyga razylyk bermek ýaly meseleler boýunça özbaşdak karar berip bilmeýändigini ýüze çykardy. Mundan başga-da, döwlet mediýasy has köp çaga dogurmagy ündeýän propagandalary öňe sürüp, türkmenistanly aýallarynyň sekiz çaga edinmegini goldaýar. Ýowuz syýasatlar, saglyk misinformasiýasy we abort biabraýçylygy adaty hasaplanýar. Hemmetaraplaýyn jynsy terbiýe, şol sanda Jynsy Zorluk we Ýetginjekleriň Göwreliliginiň Öňüni almak üçin bölünip berilýän milli býujet aýan edilmeýär. Hemmetaraplaýyn jynsy terbiýäniň bolmazlygy çagalaryň we ýetginjekleriň jynsy

zorluga we kemsidilmä garşy ejizlemegine getirýär. Biz okyjylarymyzdan gelip gowşan hatlarda ýaşlaryň anatomiýa, göwrelilik we göwreliligiň öňüni alyş usullary barada esasy düşünjesiniň ýetmezçilik edýändigini görýäris. Mekdepleriň okuw meýilnamasynda ulanylýan "Ýaşaýyş - durmuş esaslary" okuw kitaby ylmy taýdan nätakyk we köne, zyýanly gender kadalaryny öňe sürýär. Kitapda jynsy saglyk, göwreliligiň öňüni alyş, abort, onlaýn we oflaýn zorluk we kemsitme barada bölümler ýok. Ýurtda göwreli ýetginjekleri mekdepden çykarmak kadasy giňden ýöredilýär.

Käbir maglumat ýetmezçiligi meselesini çözmek üçin Saglyk türkmen ýetginjekleriniň ene-atalaryndan we mugallymlaryndan soramaga utanýan jynsy gatnaşyk we reproduktiw saglyk barada 100 soragyna 100 jogap berdi. Şeýle-de, Saglyk türkmen dilinde gürleýän ýaş oglan-gyzlara türkmen dilinde ylma esaslanýan jynsy terbiýe almak üçin giňişlik hödürleýär.

Biziň hökümete maslahatlarymyz:

- Çagalaryň we ýetginjekleriň özgerýän aň-düşünjelerini göz öňünde tutup we Jynsy Terbiýe üçin täzelenen Halkara Tehniki Gollanmalara esaslanyp, ene-atanyň ýa-da hossaryň razylygy bolmazdan, mekdeplerde we ondan daşarda bitarap, subutnamalara esaslanýan hemmetaraplaýyn jynsy terbiýe ýola goýuň.
- Ýetginjekleriň şahsy durmuşynyň eldegrilmesizligine we gizlinligine bolan hukugyna hormat goýýan, sebitdäki iň gowy tejribelere laýyklykda hemmetaraplaýyn jynsy terbiýäni işläp düzmek we durmuşa geçirmek, şol sanda mugallymlary türgenleşdirmek üçin ýeterlik serişdeleri bölüp beriň.
- Saglygy goraýyş ministrliginiň websaýtynda ýetginjekleriň göwreliliginiň ýaşy, welaýaty, şeýle hem okuwa hasaba alyş, gatnaşyk we okuwy taşlamak derejesi boýunça sanlary dolulygyna çap ediň.
- Ene-atalaryň we jemgyýetiň göwrelilik sebäpli mekdepden çykarylmagy ýaly diskriminirleýji amallary habar berip bilmegi üçin şikaýat mehanizmini dörediň.
- Halkara donorlar bilen hyzmatdaşlykda işlenip düzülen ähli hemmetaraplaýyn jynsy terbiýe materiallarynyň we kontentleriň türkmen dilinde onlaýn elýeterliligini üpjün ediň.
- Gyzlar üçin ýerlikli sanitariýa şertlerini we mugt sanitariýa prokladkalaryny üpjün ediň we mekdep okuw meýilnamalaryna ýaşa laýyklykda aýbaşy bilimini giriziň.

## IV. Aýallara we gyzlara garşy gender esasly zorluk (22 we 23-nji paragraflar)

Türkmenistanda aýal-gyzlara garşy gender esasly zorluga (GEZ) garşy hemmetaraplaýyn kanunlar, mehanizmler ýa-da maksatnamalar ýok. UNISEF-e we TürkmenStat-a (MICS) görä, Türkmenistanda 15-49 ýaş aralygyndaky aýallaryň 59%-i adamsynyň aýalyny urmaga hakynyň bardygyna ynanýarlar. Aýallar hökümetiň, polisiýanyň, keselhanalaryň, raýat jemgyýeti guramalarynyň, psihologiki maslahat berijileriň ýa-da maşgalalarynyň goldawyna bil baglap bilmeýärler we dymmaga mejbur bolýarlar.

2022-nji ýylyň awgustynda hökümet UNFPA Türkmenistan bilen hyzmatdaşlykda öýdäki zorluk barada ilkinji hasabaty çap etdi. Hasabat Saglyk tarapyndan seljerildi. Ilkinji gezek, hökümet ýurtda öýdäki zorluk hadysalarynyň bolup geçýändigini boýun aldy. Soňky 31 ýylda, Türkmenistan garaşsyzlyk alany bäri, bu mesele barada maglumat paýlaşylmandy we pikir alyşylmandy. Hasabat öýdäki zorlugy ara alyp maslahatlaşmak üçin konstruktiw aragatnaşyk

dilini döredýär we munuň Türkmenistanda aýallaryň saglygyna we hukuklaryna zyýanlydygyny tassyklaýar. Bu öýdäki zorluk barada kanunyň işlenip düzülmeginiň gaýragoýulmasyzdygyny görkezýär. Ýöne ne hökümet, ne-de UNFPA Türkmenistan hasabat dogrusynda jemgyýet aragatnaşygyny ýa-da bilimlendirmesini alyp bardy. Şeýle-de, hasabat öýdäki zorlukdan gaçýan aýallara hemmetaraplaýyn goldaw bermegi agzamaýar. Saglyk Aşgabatda diňe ýekeje Keýik Okara guramasynyň ýöredýän gaçybatalgasyndan habardar.

Hasabata görä, iki sany gyzgyn telefon liniýasy (öýdäki zorluk we adam söwdasy üçin) bar. Emma, olaryň hiç biri nädip we nirede işleýändigi, jaň edýänleriň umumy profili barada hasabat ýa-da maglumat çap etmeýär. Döwlet mediýasynda gyzgyn telefon liniýalary barada agzalmaýar. Instagram yzarlaýjylarymyz bilen aragatnaşyklarymyzyň görkezişi ýaly, köpçülik olaryň hyzmatlaryndan habarsyz we olary ynamdar hasaplamaýar. Gyzgyn telefon liniýalaryny maliýeleşdirýän UNFPA we Britaniýanyň ilçihanasy Saglygyň soraglaryna jogap bermediler. Türkmenistanda öýdäki zorluk barada gepleşiklere we maglumatlara gyssagly zerurlyk bar. Saglyk Dymma! kampaniýasyny alyp barýar. Kampaniýada adamlar köpçülikdäki we şahsy durmuşdaky aýal-gyzlara garşy öýdäki zorlugyň dürli görnüşleriniň (fiziki, psihologik, jynsy), zulumyň we diskriminasiýanyň pidalarynyň we şaýatlarynyň anonim hekaýalaryny paýlaşyp bilýärler. Bu kampaniýa sosial mediýada meşhur we web saýtymyzyň iň köp okalýan bölümlerinden biridir.

2023-nji ýylyň 31-nji martyna çenli hasabatyň esasy awtory UNFPA öz Instagram we/ýa-da Twitter hasaplarynda hasabata degişli hiç hili kontent paýlaşmady. Saglygy goraýyş ministrligi, Statistika baradaky döwlet komiteti we Türkmenistanyň döwlet, hukuk we demokratiýa instituty öýdäki zorluk barada hiç hili kampaniýa ýa-da material çykarmady.

Biziň ýakynda çap eden “Onlaýn zulum oflaýn dünýäniň aýnasy” atly hasabatymyz we barlagymyz aýal-gyzlara garşy zulumy öňe sürýän onlaýn kontentler bilen bilelikde ýigrençli diliň agdyklyk edýändigini ýüze çykardy. Maglumat we bilim kontentleriniň hem-de ýaşlar we umumy ilat bilen manyly aragatnaşygyň ýetmezçiliginiň Türkmenistanda aýal-gyzlara garşy ýigrençli diliň artmagyna goşant goşýan bolmagy ahmal.

Türkmenistanda bu meselä gönükdirilen başga bilim çeşmeleriniň ýoklugy zerarly, Saglyk türkmen dilinde gürleýänleriň öýdäki zorluk we onuň täsirleri, jemgyýet we maşgala üçin saglyk çykdajylary barada öwrenip biljek ýeke-täk çeşmesidir. Biz öýdäki zorlugyň diňe şahsy maşgala meselesi bolmaly däldigini düşündirýän kontentleri yzygiderli döredýäris. Biziň kontentlerimiz hukukçylaryň we lukmanlaryň maslahatlaryny, zorlugyň döwürleriniň we görnüşleriniň düşündirişini öz içine alýar. Şeýle hem, sebitimizde we bütin dünýäde ýakyn ýoldaşlaryň zorlugyndan goranmagyň derejesiniň deňeşdirmelerini we mysallaryny berýäris (Iňlis dilinde). Saglyk topary aýallaryň saglygy, abort elýeterliligi, göwreliligiň öňüni alyş serişdeleri, maşgalany meýilleşdirmek, çaga ölümçiligi we onuň sebäpleri barada giňişleýin kontentler taýýarlady.

Biziň hökümete maslahatlarymyz:

- Gender esasly zorluk (GEZ) barada pidanyň we zulum edijiniň ýaşy, jynsy we gatnaşyklary boýunça bölünen, şol sanda Aşgabatdaky Keýik Okaranyň işi boýunça hemmetaraplaýyn statistiki maglumatlary yzygiderli çap ediň.
- Aýal-gyzlara garşy Diskriminasiýanyň Ähli Görnüşlerini Ýok etmek Konwensiýasyna we

beýleki halkara adam hukuklary ülňülerine laýyklykda gender esasly zorluga garşy göreşmek üçin kanunyň taslamasyny taýýarlaň we oňa raýat jemgyýeti guramalarynyň, esasanam aýallaryň hukuklary ugrunda işleýänleriň doly gatnaşmagyny üpjün ediň.
- Gender esasly zorlugyň, şol sanda jynsy zorlugyň pidalary bolan aýallary hadysalary habar bermekden çekindirýän biabraýçylyk meselesini çözüň. Bu kazylar, sülçüler, polisiýa, sosial işçiler, psihologlar we saglygy goraýyş işgärleri bilen aýallara garşy ulanylan gender esasly zorluk boýunça gender-duýgur derňewini we soraga çekmek barada hökmany maksatnamalary esaslandyrmak arkaly amala aşyrylyp bilner.
- Zähmet we Ilaty Durmuş taýdan Goramak ministrligini, Saglygy goraýyş ministrligini ilata onlaýn we oflaýn görnüşde gender esasly zorluga garşy goldaw we şikaýat etmek üçin bar bolan mehanizmler barada ilaty bilimlendirmegi tabşyryň. Pidalara ene-atalary ýa-da kanuny hossarlary gatnaşdyrmazdan şikaýat etmäge rugsat beriň we mugt hukuk kömegini, lukmançylyk ýardamyny, psihososial maslahat we reabilitasiýa elýeterliligini üpjün ediň.
- UNFPA bilen bilelikde işlenilip düzülen lukmanlar we hukuk goraýjy işgärler üçin protokollary çap ediň.

## V. Syýasy we raýat durmuşyna gatnaşmak (26 we 27-nji paragraflar)

Türkmenistanda öý hojalykçylaryň 91.4%-i aýallardyr. Olaryň maşgala ideg edýändigi sebäpli (ýa öz islegleri boýunça ýa-da sosial basyş we maşgalalaryň ogul çagalaryň bilimine üns we maýa goýumy bermegi zerarly) aýallaryň ykdysady işjeňligi erkekleriňden pes. 2018-nji ýylda ýokary okuw talyplarynyň diňe 39.8%-i aýal-gyzlardy. Ýöne, hökümetiň hasabatyna görä, bu görkeziji 2021/2022-nji ýyllarda 43.4%-e çenli ýokarlandy.
Aýal-gyzlar döwlet we hususy pudaklarda ýolbaşçy we dolandyryş wezipelerine az wekilçilik edýärler. Aýallaryň Milli mejlisiň 27%-ini düzýändigi hasabat berilse-de, ýokary we orta dolandyryş wezipelerinde işleýän aýallaryň sany näbelli. Welaýatlaryň, şäherleriň we etraplaryň aýal häkimleri ýok. Hökümete görä, Türkmenistanyň Senagatçylar we Telekeçiler Birleşmesiniň 27.000 agzasynyň diňe 5.231-si aýallar.

Biziň hökümete maslahatlarymyz:

- Mejlisden başga-da ýokary we orta dolandyryş wezipelerinde işleýän aýallaryň sanyny aýan ediň.
- Ýokary okuw jaýlaryndaky aýal talyplaryň sanyny ýokarlandyrmak üçin ädilýän anyk ädimleri ara alyp maslahatlaşyň.
- Aýallaryň dürli hünärlerde, esasan hem karar kabul ediji wezipelerde wekilçiligini artdyryň.
- Ýokary okuw mekdeplerinde okaýan aýal talyplaryň sanynyň köpelmeginiň sebäbini düşündiriň. Bu ýörite maksatlaýyn çäreler we hökümet maksatnamalary ýa-da erkekleriň bilim almagyna päsgel berýän 2 ýyllyk hökmany harby gulluk sebäplimi?

## VI. Raýat jemgyýeti we hökümete dahylsyz guramalar (28-nji we 29-njy paragraflar)

Türkmenistanda hökümete dahylsyz guramalaryň (HDG) sany näbelli we täze jemgyýetçilik guramalarynyň hasaba alynýandygy barada hökümetiň hasabatlary ýok. Aşgabatda ýerleşýän 6-a

golaý hökümetiň tarapdary bolan hökümete dahylsyz gurmalar hökümetiň rugsady esasynda, BMG we Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlykda işleýärler.

Saglyk COVID-19 barada kontent çykarmak we köpçüligi habardar etmek üçin goldaw bermegi teklip edendigine garamazdan, Saglygy Goraýyş Ministrliginden, BMG-dan, BMG Ösüş Maksatnamasyndan we ÝUNISEF-den jogap almady.

Biziň hökümete maslahatlarymyz:

- Girdeji gazanmaýan guramalar üçin hasaba alyş talaplaryny onlaýn we oflaýn görnüşde çap ediň. Häzirki wagtda talaplar köpçülige elýetersiz.
- Ýurtda hasaba alnan hökümete dahylsyz guramalaryň sanyny mälim ediň.
- Paýtagtda we beýleki şäherlerde täze hökümete dahylsyz guramalary hasaba almak proseslerini we talaplaryny ýönekeýleşdiriň.
- Jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky kanuny (2014) raýat jemgyýeti bilen maslahatlaşyp täzeden gözden geçiriň. Häzirki kanun we onuň durmuşa geçirilişi ýurtda girdeji gazanmaýan toparlaryň hasaba alynmagynda we hereket etmeginde esasy päsgelçilik bolup durýar.

## VII. Iş üpjünçilik (34–35 paragraflar)

Döwürleýin döwlet hasabatynyň iş üpjünçilik bölümi boýunça maglumatlar köpçülige elýetersiz. Şeýle-de ýurtda, işsizlik we gender taýdan tapawutlandyrylan maglumatlar ýok. Bu sebäpli maglumatlaryň nireden alnanlygy, çeşmesi näbelli we tassyklanmadyk bolup galýar.

Ene-atalyk rugsady medeni taýdan kabul edilmeýär we hökümet edaralary ene-atalyk rugsadyny almak prosesini düşündirmeýär we gümürtikligini saklaýar. Däp bolup gelýän erkekleriň ekleýji we aýallaryň çaga terbiýelemek rollary sebäpli, kakalaryň çagany ýetişdirmekde we terbiýelemekde gatnaşygy pesligine galýar.

Biziň hökümete maslahatlarymyz:

- Ene-atalyk rugsadyny almak we ulanmak barada giňişleýin maglumatlary, şol sanda näçe kakanyň ene-atalyk rugsadyna ýüz tutýandygy we rugsada çykýandygy baradaky statistikalary ýygnaň. Türkmenistandaky kakalaryň (UNICEF, MICs) diňe 13%-i çagalary bilen oýun oýnaýarlar.
- Aýal-erkek arasynda öý-hojalyk jogapkärçiliginiň deň paýlanmagyny üpjün etmek hem-de erkekler we aýallar üçin habardarlyk kampaniýalary arkaly ene-atalyk rugsadynyň gymmatyny we ulanylmagyny ýokarlandyrmak üçin çäreleri durmuşa geçiriň.

## VIII. Iş ýerinde jynsy erjeşme (36–37 paragraflar)

Hökümet döwürleýin döwlet hasabatynda iş ýerlerinde jynsy erjeşme üçin aýyplamalaryň ýokdugyny belleýär. Emma, munuň sebäbi iş ýerlerinde aýal-gyzlary jynsy erjeşmeden goraýan we oňa garşy şikaýat etmegiň mehanizmlerini kesgitleýän ýörite kanunlaryň ýoklugyndadyr. Hukuk binýadynyň ýoklugy patriarhal medeniýet we “ganjyk guýrugyny bulamasa, köpek yzyny

eýermez” ýaly, giňden ulanylýan ata sözleri bilen utgaşyp, meseläniň köpçüligiň dilinden ýitmegine getirýär. Bu nakyl "ata-babalarymyzyň sözi" hökmünde giňden ulanylýar. Nakyl erkekleriň ünsüni özüne çeken aýallaryň ony isländigini aňladýar we erjeşmä sezewar bolanlygy üçin aýal-gyzlary günäkärleýär.

Biz okyjylardan iş ýerlerindäki we köçelerdäki erjeşme barada yzygiderli hatlar alýarys. Sekstorşen ýurtda adaty zat hasaplanýar.

Biziň hökümete maslahatlarymyz:

- Bar bolan şikaýat mehanizmleri we olaryň maglumatlaryň gizlinligini we iş ýerinde jynsy erjeşmeden goragy nähili üpjün edýänligi barada maglumatlary beriň.
- Iş ýerinde jynsy erjeşmäni aç-açan gadagan edýän kanunlary kabul ediň. Pidalaryň hukuklaryny goramagyň serişdelerini üpjün ediň we jynsy erjeşme baradaky şikaýatlary netijeli derňäň. Zulum edijileri jogapkärçilige çekiň, ýerlikli jezalandyryň we pidalary ar alyşdan goraň.

## IX. Saglyk (38–39 paragraflar)

ÝUNISEF-e görä, Merkezi Aziýada 5 ýaşa çenli çagalaryň ölüm derejesi iň ýokary ýurt Türkmenistandyr (her doglan 1000 çagadan 45.8 sanysy). Aýallaryň takmynan 50% -ine göwreliligiň öňüni alyş serişdeleri elýeterli we 15–49 ýaş aralygyndaky aýallaryň 8%-ine göwreliligiň öňüni alyş serişdeleri ýetmezçilik edýär.

2016-njy ýylda Türkmenistanda ilata sala salynmazdan abort etdirmek möhleti göwreliligiň 12-nji hepdesinden 5-nji hepdesine çenli azaldyldy. 2022-nji ýylyň aprelinde Saglygy Goraýyş Ministrligi abort idegi baradaky protokoly çap etdi we soňra mediýadan aýyrdy. Saglykda protokolyň nusgasy bar. Göwrelilik bäş hepdeden geçenden soň, göwreli aýallarda sanlyja mümkinçilik galýar. Käbir göwreliler abort üçin ýörite lukmançylyk komitetinden rugsat sorap bilerler. Bu örän uzaga çekiji birnäçe barlaglardan geçmegi talap edip, juda gijikdirmelere sebäp bolup we aýallary uly töwekgeçilige atyp bilýär.

187-188-nji paragraflardaky iki ssylkanyň ikisinde-de bar diýlip görkezilen maglumatlaryň hiç biri şol ssylkalarda berilmeýär (https://minjust.gov.tm/ru/hukuk/merkezi/hukuk/331) (https://minjust.gov.tm/hukuk/namalar/1579). Abort idegini üpjün etmek baradaky protokol köpçülige elýetersiz. Ol lukmançylyk işgärlerine hem elýeterli däl.

Türkmenistanda göwreliligiň 5-nji hepdesinden soň abort gadagançylygynyň kabul edilmegi aýallaryň saglygyna we ykdysady ýagdaýyna howp salyp, aborty bikanun we howply etdi. Bu gadaganlyk iki derejeli ulgamy döretdi. Ýagny, maliýe serişdesi bolan aýallar para berip ýa-da tanyşlaryny ulanyp abort etdirip bilýärler, beýleki aýallara bolsa abort elýetersizligine galýar. Para alynmagynyň netijesinde, lukmanlar göwreliligiň möhletini 5 hepde ýa-da göwreliligiň düşmegi diýip hasaba alýarlar. Bu ulgam jemgyýetdäki saglyk we ykdysady deňsizlikleri güýçlendirip, ilatyň saglygy baradaky maglumatlaryň hili bilen bagly çynlakaý meseleleri görkezýär.

Biziň hökümete maslahatlarymyz:

- Reproduktiw saglyk hyzmatlaryny berýän 95 edaranyň giňişleýin we doly maglumatlaryny mälim ediň we Saglygy Goraýyş Ministrliginiň websaýtynda çap ediň. UNFPA we hökümet bu hyzmatlaryň kim tarapyndan we nähili ulanylýandygy baradaky maglumatlary paýlaşmaýar. Ilatyň aglabasy bu hyzmatlar hakynda bilmeýärler.
- Abort etdirmek üçin 5 hepdelik çäklendirmäni aýryň we 12 hepde möhleti täzeden dikeldiň.
- Jemgyýetçilik maglumatlarynyň tutuş ýurt boýunça ýaýramagyny, esasan hem gyzlara we aýallara, milli we ýerli häkimiýetlere, saglygy goraýyş işgärlerine häzirki kanuna görä abort etdirip bolýan ýagdaýlaryň düşündirişini üpjün ediň.
- BSGG-nyň Abort idegi boýunça gollanmalaryna laýyklykda abortyň kanunydygyna ýa-da däldigine garamazdan, hili ýokary aborta we abortdan soňky idege doly elýeterliligi üpjün ediň.

### X. AIW/AIDS bilen ýaşaýan aýallar (40-41-nji paragraflar)

Hökümet UNAIDS-e maglumatlary aýan etmezlik we hasabat bermezlik bilen Türkmenistanda AIW/AIDS hadysalary barada dymmagyny dowam etdirýär. Bu we Türkmenistanda ten satmagyň, gomoseksualizmiň we neşe serişdeleriniň ulanylmagynyň jenaýatlaşdyrylmagy bu meseleler boýunça islendik konstruktiw çärelere mümkinçilik bermeýär.

Biziň hökümete maslahatlarymyz:

- Döwürleýin döwlet hasabatynda agzalan alty sany AIW merkezleri, olaryň ýerleşýän ýeri we berýän hyzmatlary barada sanlary we maglumatlary ilata aýan ediň. Merkezler barada mediýada hiç wagt agzalmaýanlygy sebäpli köpçülik heniz hem bu merkezlerden habarsyz.
- Döwürleýin döwlet hasabatynda agzalan ýedi AIW bejeriş protokolyny Saglygy Goraýyş Ministrliginiň websaýtynda çap ediň.
- Raýat jemgyýeti bilen maslahatlaşyp, ten satmak, gomoseksualizm we neşe serişdelerini ulanmak baradaky kanunlary gözden geçiriň. Olary jenaýatçylykdan aýyrmaga bireýýäm wagt boldy we diskriminirleýji kanunlaryň jemgyýetiň saglygyna täsiri uludyr.